# Gar kebelekleri / hekaýa

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gar kebelekleri / hekaýa GAR KEBELEKLERI




Ak gar, daňa çenli iş edip ýagan ak gar.
Oý ýeri belent, belendi tep-tekiz edip taşlapdyr, göz açar ýaly däl. Howa-da terliginden ýarylaýyn diýýä. Eginlerinden goşa asan goşa gara.
Ir-säher iki awçy. Ene süýdünden ak gary depeläp depeleriň arasyndan ýortup barýarlar. Keýpleri awa bagly, awam şowlulyga. Öňdäki ala-beder harby eşikliniň kellesinde gulakçyn. Öňden barýanyň yzyndan galman yzdan gelýän käte yzyna-da garaýar. Içmek geýensoň gowşup bilenok aňsat.
– Bapbym, yzymdan galmaweri – diýip, öňdäki yzyna garaman lak atýar. Yzdaky aýagyzlaryna keýp edip barşyna:
– Sapar jan, men gyssanmany bilmeýän, ýöne bet howlukýandyryn.- diýip, haş-haş edip öýkenini azarlaýar. – Soňammara aw-şikär meniň ganymda bar, onsaň aw ganly bolaýmaly. Dogabitdi derdim aw-şikär.
Bapby:
– Nätdiň-aý – diýip, içinden ýaňsylajak boldy. “Eneň içinden zompa çykan badyňa me diýip, eliňe goşany tutdurandyrlar-ow seniň”.
– Huddaý bar eger, dört-bäş ýaşymda howlymyzdaky towuklara hüjüm edip başlapdyrynda.
– Onsaň-ow, seň towguňa tok diýen bolmandyrmy, edeniňi edip geziberipmiň?
Sapar dem salym säginip:
– Boljak oglan bokundan belli diýenleri-de, meň erjelligime

gözi giden goňşy-golamlar ennem-dädeme “şul oglandan habardar boluň” diýipdirler.
Bapby kah-kah güldi:
– Habardar bolmasaňyz başyňyza bir bela açaýmasyn diýdiklerimikä?
Saparyň gahary geljek boldy, emma gar depeleýän ädiginiň hürtüldisine güýmenip, özüne basalyk berip barşyna:
– Ýok-how, goňşy-golamlar şu çagaňyza göz degäýmesin diýip ennem-dädeme duýdurypdyrlar – diýip, agzyny gyşardyp, öňden barýan şepesine ýüzüni pozdy.
Ak gar olaryň aýagynyň astynda täsin owaz edýär. “Hürt-hürt, hürt-hürt, hürt-hürt”. Yzy üzülmeýän hürtüldiler, iki awçynyň gulagyna bijaý ýaraýar. Daş-töwerk gözýetime çenli gar. Birazdan başlanan ýylgynlygam tutuş gar basyrnyp ýatyr. Derrew towşanlaryň aýak yzlary öňlerinden çykyp ugran awçylar bir-birine seredip gülümsediler. Bapby:
– Sapar jan, seniň aýdanyň toşny eken, towşan ýylgynlykda bolýan ekeni.
Sapar ýakasyny pitiklän boldy “Akgaňlara hä diýiber, Bapby jan”. Bapby onuň badyhowalygyna ünsem bermän, tüpeňini häzirledi.
Towşanjyklaryň yzlary. Ol yzlar awçylaryň soňky gören yzlary, hemem olaryň yzyny gören bolmady.
***

Gar sähra dynman ýagansoň sahy tebigatyň bolşuna seret. Üstýurduň ümürsow howasy üýtgeşik, jana ýakymly. Ýaz gelen dessine eräp ýukalyp ugran gar astyndan ýaşyl otlar palas ýaly ýazylyp ugrady. Soňra iňňäniň ujy ýaly bolup dürterip gardan ýerden saýlandylar. Aý, indi-hä gar ýogam diýen ýaly, güzaýlarda galan bolaýmasa. Gyltyma kowalaşyp barýan goýunlar sährada, dalada durjak däller asyl. Çopana meýlis haram diýeni bi.
Alabahar ter howadan öýkenini dolduran çopanam aýagyna ýelken dakylan ýaly süriniň yzyndan galanok. Gözýetime çenli al-ýaşyl öwüsýän sähra bir ýerlerden durnalaram gelip düşläpdirler. Çopan olary ýakyndan synlamak üçin ýylgynlyga ýöneldi, ýöne köne endigine eýerip, daýanyp, yzyna gaňrylyp, ýapydan aňry inip barýan sürüni soňky gezek synlady…
Durnalar inçemik boýunlaryny öňe uzadyp, uzyn ganatlarynyň

uçlary bilen howany ýelpäp, ertekidäkimi baletdäki hyýallar ýaly, ýok saz ýaly, ýüregedüşgiç saz ýaly galgap, ýer gyrytlap uçup barýardylar. Bu görnüşi adaty hasaplamadyk çopan agşam çeken kendir çiliminiň oýnuna ýöňkedi: Blýat beň çekme diýip dogtar dostumam kän aýtdy, ahyrsoňy şu psihatroplar meni saňsar eder-ow…”
Çopan yza öwrülmänka ýylgynlaryň saýasynda dar oýtumjykda bir gysym bolup ýatan iki adamy gören ýaly boldy. Gar eräp, eräp ýetişmedigi ýylgynyň astynda gatap galypdyr. Adamlaram şol gar eränden soň görnen bolmaly. Onda bu pahyrlar gyşdan bäri şu ýerde bolmaly. Baý-buw…
Gar gaty päkize zat. Gaty erbet nejasatlaram gizläp, dymyp bilýär. Ýöne ýaz gelende alajy ýok. Şonda-da ýatan garalaryň töweregine ýaşyl otlary ekişdiren bolupdyr. Näme diýseňem ýazyň ýüregi ýuka.

***

Gar henizem ýagyp dur. Sessiz-üýnsüz ýagyp dur. Gara reňkli zatlaryň birem ýok, bar ýer asman, ýer tutuş ak. Ap-ak giňişlik. Hem sessizlik. “Şu ýyl towşan ýyly diýýärler, täsin galmaly, gabat geläýşini – diýip, Bapby agzyny gyşardyp, gözlerini süzdi. – Bizem towşan awlamaga geldik tokaýa. Hä-k, öz-ä birhili. Awa awlamaga geleniň özi aw bolaýmasa diýip bir kinoda barmydy. Garda köp geziberseň ak reňk kelläňe täsir edýärmikä ýa? Bolmasa buň ýaly samsyk pikirler ýüz ýylda gelýämi kellä?”
Sapar elindäki goşany ykjamlap, öňe garaýar, yzyndan galman gelýän Bapbynyň içinden edýän oý-pikirleri bilenem işi ýok, özi bilenem. “Häzir bir salpy gulajyk towşan ýylgynyň düýbünden böküp çykar, böken badyna-da gümpp. Gümpp ederis. Ine, saňa aw, ine şirin şikär. Açyk howada ot ýakyp, ýylgyn şahasyna dürtüp kebap iýäýsek. Pah-pah, gapdalynyň ýüzje gram-my bilen”.
Bapbynyň bir zat gepleşesi gelip, dili gijeýär, ölüp barýar. Soňky ýagyp duran gar hürsüldemesini goýdy. Näçe bassaňam ses-selem ýok. Ýene ýakymsyz oýlar gelýär kellä “Garyň aklygyny

nämä deňäp bolar? Of corse, kepen, of corse. Ölen adamyň soňky eşigi kepen. Ap-ak bolýar, edil şu ak gar ýaly. Indi şu ak gar-da biziň kepenimiz ýaly diýjek bolýaňmy. Ýok how, ine häzir bir janawar çykar öňümizden”.
Duýdansyz gümpüldi. Bapby tisginip ýalta öňüne garady. Ak garyň üstünde mele towşan çabalanyp ýatyr. Sapar tüpeňiniň goşa nilinem boşadyp, boş peşeňleriň ýerini dolduryp durşuna, gözlerini süzüp ýylgyrdy:
– Ine, Bapby mergen, awy şeýdip awlamaly.
Ak garyň üstünde aýak kakyp ýadan mele towşan gyzyl gyzgyn gany bilen ak gary gyzardyp ýatyr.
Sessiz gelip ýere düşýän ak garyň üstünde sessizje janawar sessiz ýatyr, asyl dem-düýdi hem ýok.

***

Saparyň aýaly Sona dogry togsan gün geçenden soň ärini düýşünde gördi. Ýanýoldaşy gara derýänyň gyrasynda otyr. Gara derýa diýýäni, suwy bulanyp akyp duran uç-gyraksyz suwuň kenary, Saparam şol ýerde suwa tiňkesini dikip otyr. Ellerini çekgesine goýupdyr-da, tukat akýan suwa seredip uklap galan ýaly. Sona äriniň arkasyndan baryp, derýanyň suwuna seredýär. Derýanyň suwuna äriniň keşbi düşüp duranmyş, ýöne görünýän ýüz-keşp nätanyş birinki. Sona düýş bolsa-da, iňkise gitdi: dur-la gyz bi suwdan seredýän Sapar däl ýaly-la. Buňňaly bulanyk suwda adamyň ýüz keşbi nirden görünsin. Ýa-da, towa, suwdan görünýän başga biri bolmasyn. Suwda arwah-jyn, peri bolýarmyş diýýärler. Suwdan görünýän keşp duýdansyz hereket edip, Sonanyň goşaryndan şapba tutan wagty ol tisginip oýandy. Erbet gorkan eken, endam-jany süllümmaý ezilipdir dere.
Sapar dagynyň awa diýip gidenleri indi üç aýdan geçdi. Gidişi şol gidiş boldy, soň hiç olardan gördüm-bildim bolmady. Ilki-ilkiler gözlediler, kän adam bolup gözleg-agtaryş işlerini geçirdiler. Ahyry-da dereksiz ýitdi hataryna geçirip, işi ýapdylar.

***

Olar bolsa ýylgynlykda gar ýapynyp ýatyrdylar. Baky uky? Ýok, nämäniň bakysy, nämäniň ukusy. Beýle adamlaryň bakyda näme işi bar. Olar diňe gaflat ukusynda ýatyrdylar. Ýa-da ýatyrmykak diýip pikir edýärdiler.
Iň anygy olaryň aw etmäge baran ýerleri Baýkanur kosmodromyna ýakyn bir uzaklykdaky, giňlikdäki kwadratda ýerleşen anomal zona. Onsaň fizik, ýadorçylar hemem döwletiň gizlin gulluklary belli bir radiusda fizikanyň kanunlaryna üýtgeşme girizip biljek, wagt birliginiň tebigatyna täsiri bolan synag geçirip ýördüler. Bu pahyr awçylaram şol hadysanyň pidasy bolupdylar. Bul-a ynanar ýaly bolmady.
Ak gar ýagan meýdana ak keçe ýazyp, gadym kaganlar ýaly gomparyp otyrkalar olar özlerini dünýäniň depesinde ýaly duýýardylar. Ot ýakdylar. Belentden ýakylan ojar oduna awlan towşanlaryny kebap edip keýplerini köklediler. Aslynda kebabyň ýanynda şerap süzüp keýplerini keýgiň şahyna çykardylar.
Olaryň oýun-gülküsiniň tersine sessiz-üýnsüz gar ýagyp durdy. Olaryň bagtyna ýagýan gar ýumşajyk we derrew eräp gidýär. Olaryň bagtyna gar ýagmaýan ýaly…
Bapby Sapardan ýaşy kiçi bolandan soň hem wezipesem o diýen uly däl, oduň başynda oturman, gaýmalaklap hyzmat edip ýördi. Hemem biraz eden hatalary ony oturmaga goýanok, Sapardan biraz kömek soramak hyýaly bar. Şerap kelleleri ýeňletdi. Ýöne şu kebap şara biraz içimi agygrdaýjak öýdýän diýip, Sapar birhili biynjalyk boldy. Keýpikök Bapby ýaňy derçirän maňlaýyny gaşap:
– Awlan towşanyň garny açmydyka – diýip, garaşylmadyk sowal berdi. Sapar:
– Awlan towşanymyzyň açlygy-doklugynyň meň içimiň agyrmasyna näme dahyly bar – diýip, ýarym gaharlandy. Bapbynyňky ýetipdir:
– Голодный кролик атакует – diýip, rusçalap bazzyk-buzzuk etdi.
Gyzyl şerapdan, ak arakdan sermest bolan Sapar halys bolmadan soň balagynyň çermegine ýapyşyp ýylgynlyga tarap gyssandy.
Ýylgynlygyň üstünde gyzyl şapak basym garaňky gatlyşjagyny buşlaýan ýaly.

***

Polisiýanyň kapitany ýanynda tebigaty goramak komitetiniň ofiseri ýaş ýigit çopana kän sowal berip, bizar etdiler. Barybir çolpularyna suwutly bir zat ilmese näme. Çopan janygyp düşündirýärdi:
– Ynha, şu garalyp ýatan ýer, ýakylan oduň yzy. Men ýylgynly oýuň gyrasyna gelip, hol depeden aşak seredenimde, iki sany adam şu ýerde çäşerip ýatyrdy. Aýaklaryny eýläk-beýläk taşlap gaty arkaýyn ýatyrlar. Men onsaň ýuwaşjadan oýa düşüp ugradym, hemem ýaňky ýatanlar aýal zat getiren bolsalar diýip, biraz çekinip bardym ýanlaryna.
– Onsaň baraňsoň näme boldy – diýip, polisýanyň kapitany çopana dikanlap seretdi.
Çopan beter janykdy:
– Menem şony aýtjak bolýan-da, men aşak düşenimde, şu ot ýanan ýere gelsem iki adamam ýok, bir adamam. Ýer hopan ýaly.
– Ýalan sözläniňde ýapa bir degir – diýip, tebigaty goramak komitetiniň işgäri kellesine geýen başgabyny çykaryp, agaryp ugran saçlaryny daraklady. – Seniň başky aýdýan zadyň, soňky aýdyp duran warsakyňa dogry gelenok. Ýa-da bara, sen bir zatlar gizleýäň.
Tebigaty goraýançy polisiýa seredip:
– Özi şü sähra, düze çykýan düzüw adam bolmaýa, akly-huşy bir ýerindemikä, normalny ýören adammyka bir by – diýip gözleriniň garasyny bir eýläk aýlady, bir beýläk, ynanmazçylyk etdi garaz.

***

Bedenimiň ähli kletkalary bilen duýýan bir zad-a bolýa maňa walla. Kelläm, biloňurgam, aýaklarym, artbujagym bilen duýýan. Kompýuter programmasy ýaly, wirus ýaly bir zada öwrüldim-de özüme erkim ýetmän çalam-çaş ýatyryn. Koronowirus degende hem bir şuň ýaly heläk bolupdym.
Meni hiç kim görenok, men hemmäni görýän, duýýan hatda bar bolýan zady. Ýeriň astynda ýylan gäwşesede duýýar diýen gep bar-a, an şol maňa aýdylan. Ýeriň astynda ýylan gäeşese diýen-

de ýadyma düşdi, ýeriň astynda özi ýylan barmyka? Ýa-da reptilýanlar hakda duýdurjak bolýarmyka ýokarky idioma.
Gepiň gysgasy, biz awa gitdik, gepiň tümmegi, bize awda bir zat boldy, döwli ýeri biz bize näme bolanyny bilemizok. Barsagelmez diýen bir ada barmyş diýip erteki okap berýärdiler körpeje wagtymyz. Nesibesi çekip ol ýere giden yzyna dolanmaýarmyş. Hä-ä, soň adamlar bilipdirler, ol ýerden gaz çykýan ekeni. Baran bendäni hem gaz tutýan eken, walla bizi Hudaý tutdy. Aslynda maňa näme bolýarka diýip, Bapby gaty erbet boldy. Men öz öýümde, eýwanda, diwanda ýatyryn, emma meni hiç kim görenok. Dur, dur biraz özüme geleýin hany, bolan-gopan azajyk aýyl-saýyl edeýin. Düýn meni Sapar awa çagyrypdy. Ertir howa maglumaty gar ýagar diýýär welin awa gidäýsek nähili görýäň, Bapby han diýipdi.
Şu zatlary aňastynda oýlap, görüp ýatan Sapar eger Reý Bredberriniň hekaýasyny okan bolsa, belki özünden bir zat toslap tapardy. Biz başga dünýä düşdük, we ol ýerde atanlykda bir kebelegi depeläp öldürdik, şondan soň biziň ýaşaýan dünýämizde bir zatlar üýtgedi diýen ýaly. Kebelek effekti teoriýasy. Emma gyşyň güni başga bir dünýäde kebelek näme işlesin…
Gar kebelekleri ýa-da kebelege meňzeş garlar. Biz aslynda kebelege meňzeş garlary ýaman niýet bilen depelemeli däldik. Ine, indem bar zat üýtgedi biziň dünýämizde.

Sylapberdi Muhamow,
30.01.2024 ý. Daşoguz, Garagaç oba. Mistika we fantastika